7
2021

TURKMENISTAN: NEWS WEEKLY • ТУРКМЕНИСТАН: СОБЫТИЯ НЕДЕЛИ

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

TÜRKMENISTAN:
HEPDÄNIŇ WAKALARY

STATE NEWS AGENCY OF TURKMENISTAN • ГОСУДАРСТВЕННОЕ ИНФОРМАЦИОННОЕ АГЕНТСТВО ТУРКМЕНИСТАНА

ТЦ АЛТЫН АСЫР

Адрес: г. Ашгабат, пр. Героглы, 77

(993 12) 925173, 922415, 925231

TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

HEPDELIK HABARLAR TOPLUMY

№7 (1398)

8-14-nji fewral 2021-nji ýyl

(1994-NJI ÝYLYŇ FEWRAL AÝYNDAN BÄRI TÜRKMEN, IŇLIS WE RUS DILLERINDE ÇAP EDILÝÄR)

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

Redaksiýanyň salgysy:
744000. Aşgabat ş. Bitarap Türkmenistan şaýoly, 24-a

Redaksiýanyň telefonlary:
(993-12) 92-12-12,
92-16-17,
92-43-05.

Faks: **(993-12) 92-52-30**

WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:

Türkmenbaşy ş.	**2-25-44**
Balkanabat ş.	**4-86-13**
Türkmenabat ş.	**6-79-50**
Mary ş.	**4-59-13**
Daşoguz ş.	**5-96-41**

ŞU SANYNDA:

RESMI BÖLÜM

Türkmenistanyň Prezidenti ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlary we jemgyýetçilik guramalarynyň meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi..... 2

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek meseleleri boýunça maslahat geçirdi..... 5

Türkmenistanyň Prezidenti milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi 6

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisi..... 9

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi..... 10

BIRŽA TÄZELIKLERI

RESMI BÖLÜM

Türkmenistanyň Prezidenti ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlary we jemgyýetçilik guramalarynyň meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi.

8-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ugurlarynda we jemgyýetçilik guramalarynda 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijelerine garaldy we olaryň işini kämilleşdirmek boýunça öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

Ilki bilen bilim ministri O.Gurbanowa söz berildi. Ol ýaýbaňlandyrylan oňyn özgertmeleri durmuşa geçirmegiň çäklerinde, bilim ulgamynyň dolandyryş, düzüm ulgamyny, hukuk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezi döredildi, "Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we olaryň mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020-2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň maksatnamasy" hem-de "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy" tassyklanyldy.

On iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň hem-de tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň Konsepsiýasynda göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, bilim hem-de terbiýeçilik işlerine okatmagyň öňdebaryjy usullary, ylmyň gazananlary, innowasion tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Bilim edaralarynyň resmi web-saýtlaryny we elektron resminama dolanyşygy ulgamyny döretmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesow ulgamda alnyp barlan işleriň netijeleri we şu ýyla meýilleşdirilen çäreler barada hasabat berdi.

Ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, adamlary zerur derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeler bilen elýeterli üpjün etmek, hünärmenleri taýýarlamak, ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça toplumlaýyn işler durmuşa geçirildi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyna dünýäniň meşhur lukmanlaryny çekmek arkaly özara tejribe alyşmak, hünärmenleri taýýarlamak hem-de bilim derejelerini ýokarlandyrmak, lukmançylyk ylmyny ösdürmek, milli lukmançylyga täze anyklaýyş we bejeriş usullaryny ornaşdyrmak, täze merkezleriniň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler dowam etdirildi.

Saglygy goraýyş edaralarynda elektron resminama dolanyşygy ulgamy ornaşdyryldy. Ýokanç keselleriň öňüni almak boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan netijeli epidemiologiýa gözegçilik ulgamynyň işi ýola goýuldy.

Sport we ýaşlar syýasaty ministri G.Agamyradow ýolbaşçylyk edýän ulgamynda geçen ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we geljekki meýilnamalar barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygy G.Hanberdiýewa 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Mundan başga-da, raýatlaryň ýüz tutmalaryny ýerine ýetirmek boýunça netijeli işler alnyp baryldy. Baş arhiw müdirliginiň redaksion-neşir işi boýunça meýilnamasy doly ýerine ýetirildi. 2020-nji ýylda Türkmenistanyň arhiw edaralary tarapyndan ýyllyk meýilnama 104,8 göterim ýerine ýetirildi.

Şu ýylda döwlet arhiwleriniň we arhiw aýawhanalarynyň ulgamyny we düzümini kämilleşdirmek, maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, resminamalary aýawly saklamagyň amatly şertlerini we ätiýaçlyk üçin meýdanlary, peýdalanyş gaznalaryny döretmek boýunça işleri ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Ylymlar akademiýasynyň ýolbaşçysy S.Toýlyýew 2020-njy ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we şu ýyl üçin bellenilen meýilnamalar barada hasabat berdi.

Ykdysady taýdan bähbitli, ýerli çig mallaryň esasynda dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply, senagat ähmiýetli önümleri öndürmegiň esasyny düzýän maksatnamalaýyn ylmy-barlag işlerini alyp barmagyň göz öňünde tutulýandygy bellenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazow ýerine ýetirilen işler hem-de ýolbaşçylyk edýän ulgamlarynyň işini kämilleşdirmek boýunça meýlnamalar barada hasabat berdi.

Şu günler 2021-nji ýylda Aşgabatda geçiriljek iri halkara ýaryşlaryny – welotrek boýunça dünýä çempionatyny, Dewisiň Kubogy ugrundaky halkara ýaryşynyň tapgyryny geçirmäge taýýarlyk görülýär.

Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ylmy-amaly maslahatlary, medeni-jemgyýetçilik, bedenterbiýe we sport maksatly çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin ähli tagallalar edilýär.

Soňra partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary şu ýylda geçirilen işler barada hasabat berdiler.

Parahatçylyk gaznasynyň müdiriýetiniň başlygy M.Saryýewa Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2021-nji ýylyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilmeginiň çäklerinde meýilleşdirilen çäreler barada hasabat berdi.

Türkmenistanyň müftüsi Ý.Hojagulyýew ýurdumyzda halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän asylly ýörelgelerini, ýagşy dessurlaryny döwrebap derejede dowam etmek, ýaşlary watansöýüjilik we ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemek boýunça meýilleşdirilen çäreler barada hasabat berdi.

Iş maslahaty Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň rektory A.Annamyradowyň hasabaty bilen dowam etdirildi. Ol geçen ýylyň dowamynda akademiýada ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we diňleýjilere berilýän okuw-usulyýet sapaklaryň, hünärleriň derejesini ýokarlandyrmak ugrunda amala aşyrylýan maksatnamalaýyn işler barada hasabat berdi.

Soňra Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň rektory G.Mezilow, Magtymguly adyndaky Türkmen

döwlet uniwersitetiniň rektory B.Orazdurdyýewa, Myrat Garyýew adyndaky Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň rektory N.Myratnazarowa, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektory A.Saparow, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň rektory G.Muhammedow, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rektory M.Kulyýewa talyp ýaşlaryň dünýä ylmyna düýpli aralaşmagy ugrunda durmuşa geçirilýän çäreler we daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwretmek boýunça geçilýän goşmaça sapaklar barada hasabat berdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikow geçen ýylda durmuş ähmiýetli saglygy goraýyş, bilim, ylym we sport ulgamlarynyň durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilen anyk çäreler, şonuň ýaly-da hormatly Prezidentimiziň şol pudaklaryň öňünde goýlan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Maslahaty jemläp, döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde ulgamlarda bar bolan mümkinçilikleri has doly peýdalanmalydygyny, ylmyň we tehnologiýalaryň iň soňky gazananlary esasynda işe sanly ulgamlary giňden ornaşdyrmalydygyny aýtdy.

Milli Liderimiz mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işiniň döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirilmelidigini aýratyn nygtady.

Milli aýratynlygy göz öňünde tutup, dünýäniň ösen tejribesine laýyklykda bilim-terbiýeçilik işleri ýokary derejede guralmalydyr. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy bilen hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Ýaşlaryň ene dilinden başga-da, daşary ýurt dillerini düýpli öwrenmegini gazanmak üçin, çagalarda bu endigi artdyryp, höwes döretmek, daşary ýurt dillerini öwretmekde mugallymlaryň ýokary taýýarlykly we tejribeli bolmagyny gazanmak ilkinji nobatdaky wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi.

Döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle hem ýaşlaryň islegine görä goşmaça ugurlar boýunça bilim almaga şertleri döretmek üçin, welaýatlarda, etrap-şäherlerde gyzyklanma döredýän ugurlar boýunça mekdepden daşary tölegli okuwlary gurap, degişli ygtyýarnamalaryň berilmegini ýola goýmalydygyny aýtdy.

Bilim ministrligine ylmy-tejribe işlerini geçirmek üçin sanly aragatnaşyk ulgamlaryny ulanyp, öňdebaryjy halkara uniwersitetleri hem-de beýleki abraýly bilim edaralary bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmek boýunça anyk tabşyryklar berildi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesowa keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerini talabalaýyk ýola goýmak, saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkidip, işgärleriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak işlerini dowam etmek tabşyryldy.

Ilata edilýän hyzmatlaryň, derman serişdeleriniň elýeterli bolmagyny üpjün etmek we hilini ýokarlandyrmak, eneligi hem-de çagalygy goramak boýunça degişli işler alnyp barylmalydyr. Ýurdumyzda sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygy durnukly saklamak, ýokanç keselleriň öňüni alyş çärelerini güýçlendirmek boýunça zerur işler geçirilmelidir.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçysyna "Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde goşmaça hak bellemegiň we tölemegiň Tertibine" laýyklykda, zyýanlylyk we agyrlyk derejelerine baglylykda, saglygy goraýyş ulgamynda aýratyn zähmet şertleri bolan işleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawyny bellenen tertipde taýýarlamak tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz sport we ýaşlar syýasaty ministri G.Agamyradowa ýüzlenip, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy wagyz etmek boýunça işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Ýurdumyzyň ýygyndy toparlarynyň Olimpiýa oýunlaryna, şol sanda gyşky görnüşlerine, dünýä, Ýewropa, Aziýa we beýleki halkara ýaryşlaryna ýokary taýýarlykly gatnaşmaklaryny hem-de baýrakly orunlary eýelemeklerini üpjün etmegiň zerurdygyna ünsi çekildi. Şu maksat bilen, ministrliginiň ýolbaşçysyna sportuň dürli görnüşleri boýunça halkara derejeli ussat türgenleri taýýarlamaga guramaçylyk-usulyýet taýdan ýardam bermek tabşyryldy.

Sport desgalaryny netijeli dolandyrmak, sport mekdepleri bilen utgaşykly işlemek, sport desgalarynda tölegli esasda okuw-türgenleşik sapaklaryny guramak, olary uzak möhletleýin kärendä bermek boýunça degişli işler geçirilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamagy talap etdi. Bu syýasata laýyklykda, ýaşlaryň alan hünär bilimlerini önümçilikde, döwlet gullugynda, ylmy we döredijilik işlerinde netijeli ulanmaklary üçin amatly şertler döredilmelidir. Milli Liderimiz ýaşlarda dolandyryş, işewürlik we ekologiýa başlangyçlaryny ösdürmelidigini hem-de ýaş maşgalalary goldamak syýasatymyzy dowam etmelidigini aýtdy.

Alymlaryň öňünde birnäçe möhüm wezipeler – Garaşsyzlygymyzyň 30 ýylynyň içinde ýetilen belent sepgitleri we gazanylan üstünlikleri ylmy taýdan düýpli öwrenmek, Ylymlar akademiýasynyň, beýleki bilim edaralarynyň alymlarynyň, professor-mugallymlarynyň, talyplaryň taýýarlan ylmy işlerini we oýlap tapyşlaryny önümçilige ornaşdyrmaga goldaw bermek boýunça wezipeler goýuldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda ulanylýan önümleriň, materiallaryň has täze we ykjam görnüşlerini öndürmek, önümçilik usullaryny kämilleşdirmek boýunça ylmy-tejribe işlerini gurap, pudaklar üçin teklipleri hem-de Ylymlar akademiýasynyň amaly ylmy-barlag edaralaryny 3 ýylyň dowamynda tapgyrlaýyn hojalyk hasaplaşygyna geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasyny gyssagly taýýarlamagy we durmuşa geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygy G.Hanberdiýewa eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralar, kärhanalar we guramalar üçin arhiw işi we iş dolandyryş boýunça kadalary, düzgünnamalary, resminamalaryň birkysmy sanawlaryny hem-de beýleki kadalaşdyryjy-usuly gollanmalary taýýarlamak tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz ylmy barlaglaryň we usuly işleriň netijelerini, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini arhiw işine giňden ornaşdyrmak, arhiw işine sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak,

maglumatlar ulgamyny, gorlaryny döretmek we elektron dolanyşygyny girizmek boýunça zerur işleriň geçirilmelidigini nygtady.

Maslahata gatnaşýan ýokary okuw mekdepleriniň rektorlaryna ýokary okuw mekdeplerini bilim, ylym we täze tehnologiýalar merkezleri hökmünde çalt depginler bilen ösdürmek tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz innowasion ykdysadyýetiň talaplaryna we halkara standartlaryna laýyk gelýän ýokary bilimiň iki basgançakly ulgamyny tapgyrlaýyn ornaşdyrmak işini dowam etmegi, ylmyň we tehnologiýalaryň, şeýle hem halkara tejribesiniň gazananlaryny ulanmak bilen, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň hünärini ýokarlandyrmagy hemişe gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylaryna işlerini yzygiderli kämilleşdirip durmak hem-de öz jemgyýetdäki ornuny yzygiderli ýokarlandyrmak tabşyryldy. Şu maksatlar bilen täze tehnologiýalary, maglumatlary ýaýratmagyň ulgamlaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini giňden peýdalanyp, düşündiriş-wagyz işlerini güýçlendirmek zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazowa gözegçilik edýän ulgamlarynyň her biri boýunça aýratyn tabşyryklary berip, saglygy goraýyş ulgamyny has-da ösdürmek arkaly ilatyň ömür dowamlylygynyň uzaldylmagyny gazanmak, raýatlarymyz üçin ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilişini gözegçilikde saklamagyň zerurdygyny belledi.

Bilim barada aýdylanda, ösüp gelýän nesillerde watançylyk, ahlaklylyk, adalatlylyk, dogruçyllyk, ululara hormat goýmak, halkymyzyň taryhyna, däp-dessurlaryna, medeniýetine söýgi we tebigata aýawly garamak häsiýetlerini terbiýelemek wajypdyr.

Çagalaryň tebigy zehinini, ukyplaryny, şahsy başarnyklaryny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin dürli medeni-köpçülik, çeper-döredijilik çärelerini geçirip durmaly, çagalar üçin ýokary hilli kitaplary, çeper eserleri çap etmegi dowam etmeli.

Wise-premýere Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň hilini has-da kämilleşdirmek bilen, görkezijisi boýunça dünýäniň öňdebaryjy bilim edaralarynyň sanawyna girmek üçin zerur işleri geçirmek tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz ýokary we ýörite orta bilim berýän okuw mekdeplerinde okuw üçin tölegler kesgitlenende, döwletiň goldawyna mätäç talyplara we okuwçylara ýeňillikleri göz öňünde tutmagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sport barada aýdyp, Aşgabat şäherinde welotrek boýunça dünýä çempionatyny, Dewisiň Kubogy ugrundaky halkara ýaryşyny ýokary guramaçylykly geçirmek üçin ähli çäreleri görmek barada tabşyryk berdi.

Döwlet Baştutanymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek baýramçylyk çärelerine ulgamyň işgärleriniň guramaçylykly gatnaşmalydygyny aýratyn belledi. Şonuň ýaly-da, hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, ýaşlarymyzy daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde okatmak işini has-da güýçlendirmek boýunça wezipeler öňde goýuldy.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýer M.Geldinyýazowa we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ýolbaşçysy S.Toýlyýewe ýüzlenip, häzirki döwürde ýaşlardan ylmy işgärleri taýýarlamak işiniň talabalaýyk alnyp barylmaýandygyndan nägilelik bildirdi. Ylmy ösdürmegiň, aýratyn-da ýokary okuw mekdep ylmyny ösdürmegiň anyk maksatnamasynyň hem ýokdugyna ünsi çekdi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň sanly bilime, aýratyn-da, umumymilli ösüşiň möhüm şerti hökmünde sanly ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmak wezipelerini çözmäge uly üns bermegi talap etdi.

Döwlet Baştutanymyz saglygy goraýyş ulgamynda geçirilýän özgertmeleri, aýratyn-da oba ýerlerinde çaltlandyrmaga örän düýpli üns berilmelidigini, häzirki döwürde täze saglygy goraýyş desgalarynyň gurluşygynyň hem, olary döwrebap enjamlar bilen üpjün etmek işleriniň hem ýaramaz alnyp barylýandygyny belledi.

Milli Liderimiz ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek barada kabul edilen maksatnamanyň ýerine ýetirilişiniň-de çaltlandyrylmalydygyny, şäherleriň we obalaryň arassaçylygyna aýratyn uly üns berilmelidigini belledi.

Jemgyýetçilik guramalarynyň işini utgaşdyrmak hem talabalaýyk alnyp barylmaýar. Kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň jemgyýetçilik taýdan goldawy ýeterlik däl. Bu çäreler köplenç bir gezeklik geçirilýär, soňra bolsa unudylýar. Şoňa görä-de, her bir başlanan işi ahyryna çenli ýerine ýetirmek gerek diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Ýaşlar guramasy hem gowşak işleýär. Ykdysadyýetimizi ösdürmek, sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalaryny goldamakda ýaşlaryň işjeňligi duýulmaýar. Esasy zat bolsa, döwletimiziň ýaşlar üçin köp işleri edýändigine garamazdan, Ýaşlar guramasy hiç hili başlangyç bilen çykyş etmeýär. Ýurdumyzda bolsa, ýaş nesilleriň mynasyp bilim-terbiýe almagy, sport bilen meşgullanyp, talabalaýyk dynç almagy üçin ähli şertler döredildi. Döwlet Baştutanymyz döredilen şu şertlerden netijeli peýdalanylmalydygyny nygtady.

Milli Liderimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa ýüzlenip, ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik guramalary toplumynyň maliýe-ykdysady ýagdaýyny yzygiderli seljerip, pul üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy.

Şonuň ýaly-da wise-premýere özara algy-bergiler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini we karzlaryň gaýtarylyşyny gözegçilikde saklamak, býujetden maliýeleşdirilýän bilim, saglygy goraýyş we beýleki edaralara bölünip berlen maliýe serişdeleriniň öz wagtynda özleşdirilişine we bellenen maksada görä ulanylyşyna gözegçilik etmek barada tabşyryk berildi.

Bilim ministrligi tarapyndan bilim bermek we hünäre taýýarlamak boýunça ygtyýarnamalaryň berlişini seljermegiň hem-de ähli welaýatlarda tölegli esasda okuw merkezleriniň işini ýola goýmagyň zerurdygyny nygtap, döwlet Baştutanymyz degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle hem ýokanç keselleriň öňüni almak ýaly möhüm meseläniň üstünde durup geçdi.

Hormatly Prezidentimiz ýaňy-ýakynda bu ýokanjyň garşysyna sançmak üçin, ýokary hilli we howpsuz waksinalaryň iki görnüşiniň ýurdumyzda hasaba alnandygyny we bu işleriň dowam etdirilýändigini belledi.

Biz iň gymmatly baýlyk bolan halkymyzyň saglygyny goramak üçin ähli zerur çäreleri göreris. Ýöne muňa garamazdan, sagly goraýyş işgäleri tarapyndan talap edilýän arassaçylyk kada-kanunlaryny berjaý etmek her birimiziň borjumyzdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek meseleleri boýunça maslahat geçirdi

9-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny amala aşyrmak boýunça geçen 2020-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi.

Ilki bilen Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň direktory Ý.Nuryýew institut tarapyndan 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri hem-de şu ýyl üçin bellenen meýilnamalar barada hasabat berdi.

Institutda deňeşdirme-hukuk usulynda ylmy seljerme işleriniň geçirilýändigi, şonuň netijeleri boýunça kanun taslamalarynyň 22-si boýunça teklipleriň we belliklerin girizilendigi bellenildi. Şeýle hem pudaklaýyn düzgünnamalaryň we resminamalaryň taslamalarynyň 26-sy boýunça seljermeler geçirildi. Geçen ýylda hereket edýän kanunlara ylmy-amaly düzündiriş görnüşinde kitaplaryň ikisi neşir edildi. Şeýle hem institutyň gatnaşmagynda ylmy wideomaslahatlaryň 35-si guraldy.

Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory J.Gurbangeldiýew we Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň rektory E.Aýdogdyýew 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işler hem-de «Türkmenistan - parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän şu ýubileý ýylynda bellenen meýilnamalar barada hasabat berdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow DIM-niň 2020-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Garalýan döwürde döwlet Baştutanymyz resmi sapar bilen Azerbaýjan Respublikasynda boldy, onlaýn görnüşde geçirilen birnäçe duşuşyklara we ýokary derejeli maslahatlara gatnaşdy hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde wideo ýüzlenme bilen çykyş etdi.

Geçen ýylyň sentýabr aýynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza iş sapary bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministr bilen duşuşyk geçirdi.

Milli Liderimiziň BMG-niň Baş sekretary hem-de daşary döwletleriň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi, şolaryň barşynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Garalýan döwürde wideo görnüşinde dürli duşuşyklar geçirildi. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen resminamalaryň toplumyna gol çekildi.

Geçen ýyl daşary syýasat edaralarynyň we diplomatik wekilhanalaryň ugry boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek babatda yzygiderli çäreler görüldi. Şeýle hem daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary berkitmek we ösdürmek boýunça maksadalaýyk işler amala aşyryldy. Ikitaraplaýyn Hökümetara toparlarynyň hem-de beýleki degişli düzümleriň birnäçe mejlislerini, daşary ýurtlaryň işewür toparlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda bilelikdäki işewürlik maslahatlary geçirildi.

Daşary işler ministriniň orunbasary W.Hajyýew döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Daşary işler ministriniň orunbasary B.Mätiýew 2021-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllygy hem-de şu ýylyň «Türkmenistan - parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleri hem-de dabaralary ýokary derejede guramak maksady bilen, Daşary işler ministrligi tarapyndan ýurdumyzyň degişli ministrlikleri hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde işlenip taýýarlanylan ýörite maksatnama barada hasabat berdi. Bu maksatnamada görkezilen çäreleri we dabaralary ýokary derejede geçirmek boýunça şu günden başlap toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikow Daşary işler ministrliginiň netijeli işlemegini üpjün etmek boýunça görülýän çäreler we döwlet Baştutanymyzyň degişli tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz iş maslahatynyň jemini jemläp, döwletimiziň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy baýram edilýän «Türkmenistan –parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda daşary syýasatymyzy amala aşyrmak boýunça işleri has-da güýçlendirmek üçin hemmeleriň örän köp we tutanýerli işlemelidigini nygtady.

Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň direktory Ý.Nuryýew dünýäde umumy kabul edilen hukuk kadalaryny ýurdumyzyň kanunçylygyna ornaşdyrmak boýunça teklipleri yzygiderli işläp taýýarlamak, bu ugurda döwletimiziň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň işini has-da güýçlendirmek tabşyryldy.

Şunuň bilen birlikde, «Demokratiýa we hukuk» žurnalynda ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny beýan etmek, amala aşyrylýan iri möçberli özgertmeleriň, şol sanda demokratik özgertmeleriň mazmunyny we häsiýetini açyp görkezýän seljeriş makalalaryny çap etmek

boýunça işleri has-da kämilleşdirmek möhümdir diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwrüň talabyna laýyklykda, Halkara gatnaşyklary institutynda hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde täze hünär ugurlaryny açmagyň ýagdaýyny seljermegi, hususan-da, geljekde dürli sebitler, şol sanda Gündogary öwreniş, Amerika we Ýewropa ýurtlary, sanly diplomatiýa, kiberhowpsuzlyk, seljeriş we strategik meýilleşdiriş boýunça ýöriteleşen hünärmenleri taýýarlamagyň mümkinçiligini öwrenmegi tabşyrdy.

Dünýädäki oňdebaryjy tejribeleri öwrenip, zerur bolan halatynda okuw meýilnamalaryna gaýtadan seretmek, şu ugurda talyplaryň dil taýdan taýýarlygyna aýratyn üns bermek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Türkmenistanyň ulag, energetika, suw, ylym we sport diplomatiýasynyň ylmy esaslaryny işläp düzmek we açyp görkezmek maksady bilen, professor - mugallymlaryň hem-de talyplaryň bu ugurda alyp barýan ylmy-barlag işleriniň gerimini giňeltmek zerurdyr.

Döwlet Baştutanymyz bu mesele baradaky gürrüňi dowam edip, ýokary okuw mekdeplerinde internet žurnalistikasy we syýasy kommunikasiýa boýunça täze sapaklary girizmegi, beýleki zerur bolan täze hünärleri açmak boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy. Halkara hukugy boýunça bilim alýan talyplar üçin halkara ykdysady gatnaşyklarynyň meselelerini çözmek we halkara arbitraž ugry boýunça täze sapaklary we amaly okuwlary girizmek mümkinçiligine seretmek wajypdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Daşary işler ministrliginiň öňünde durýan wezipelere geçip, wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowa we beýleki degişli ýolbaşçylara Türkmenistanyň bitaraplyk, parahatçylygy söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny has-da giňden amala aşyrmak babatda tabşyryk berdi. Bitarap döwletimiziň daşary syýasatyny ýurdumyzyň 2017–2023-nji ýyllary öz içine alýan daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasyna laýyklykda alyp barmaly. Şeýle hem Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2023–2029-njy ýyllar üçin Konsepsiýasynyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça işlere häzirden başlamaly diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Milli Liderimiz şu ýylyň birinji çärýeginiň ahyryna çenli halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň 2021–2023-nji ýyllar üçin meýilnamasynyň taslamasyny taýýarlamak zerurdyr diýip nygtady.

Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasy we onuň edaralary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmegi, bu guramanyň halkara parahatçylygyny, howpsuzlygy we ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen Kararnamalaryny hem-de beýleki resminamalaryny taýýarlamaga işjeň gatnaşmagy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy ýaly abraýly halkara guramalary bilen döwletimiziň bähbitlerine gabat gelýän hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny öwrenmegi ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezdi.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işini maksatnamalaýyn esasda ösdürmek boýunça degişli tabşyryklar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere, DIM-iň ýolbaşçysyna degişli döwlet edaralary bilen bilelikde daşary ýurtlarda söwda wekilhanalarymyzy açmak üçin hem teklipleri bermegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Bitarap döwletimiziň başlangyjy bilen öňe sürlen we iri halkara guramalarynda goldawa eýe bolan teklipleriň hem-de halkara derejesinde kabul edilen çözgütleriň, şol sanda Birinji Hazar ykdysady forumynyň netijeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmak zerurdyr.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa ýüzlenip, Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň hem-de konsullyk edaralarynyň maliýe-ykdysady ýagdaýyny, döwlet býujetinden hem-de maliýeleşdirmegiň beýleki döwlet çeşmelerinden bölünip berilýän serişdeleriň öz wagtynda we maksadalaýyk özleşdirilişini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanyny döretmek hakyndaky» Karara gol çekdi. Bu nyşan bilen Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny amala aşyrmakda, daşary ýurt döwletleri bilen dürli ugurlarda gatnaşyklary ösdürmekde we berkitmekde ýurdumyzyň abraýly halkara guramalary bilen netijeli gatnaşyklaryny giňeltmekde şahsy goşandyny goşan diplomatik gullugyň işgärleri sylaglanar.

Türkmenistanyň Prezidenti milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi

10-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň ykdysadyýet, maliýe-bank toplumynda 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we geljek ýyl üçin kesgitlenen anyk wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarowyň habar berşi ýaly, şu ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasy 101 göterim, çykdajy böleginiň meýilnamasy bolsa 99,9 göterim berjaý edildi. Ýerli býujetler boýunça hasabat döwründe girdejiler 102,2 göterim, çykdajylar bolsa 99,9 göterim ýerine ýetirildi.

Geçen ýylyň dowamynda balans toparlarynyň 119 mejlisi, şol sanda sebitlerdäki balans toparlarynyň bolsa 104 mejlisi geçirildi. Hasabat döwründe döwlet emläginiň 85-si hususylaşdyryldy.

Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna, milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlarynyň möçberi jemi içerki önümiň 22,4 göterimine barabar boldy. 2020-nji ýyl üçin Maýa goýum maksatnamasy 102,4 göterim ýerine ýetirildi. Şunda özleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň 55,7 göterimi önümçilik hem-de 44,3 göterimi durmuş we medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi.

Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri M.Sylabow geçen 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen

işler barada hasabar berdi. Türkmenistanyň "Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky" kodeksine hem-de "Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna degişli goşmaçalarywe üýtgetmeler girizmek boýunça teklipler taýýarlanyldy. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň täze rejelenen görnüşiniň taslamasy taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna hödürlenildi.

Kanunçylyk namalaryndan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuknamalarynyň 10-sy taýýarlanyp, bellenen tertipde tassyklanyp, herekete girizildi.

Iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň ählisi ýerine ýetirildi.

Ministrligiň we Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň merkezi edaralarynda elektron resminamalar dolanyşygy ulgamy işe girizildi.

Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna geçirimleriň ýyllyk meýilnamasy 110,6 göterim ýerine ýetirildi. Bu görkeziji 2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 14,4 göterim artdy. 2020-nji ýylda raýatlaryň meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa toplamalarynyň möçberi geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 11 göterim ýokarlandy.

"Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň başlygy M.Hojagulyýew ýolbaşçylyk edýän ulgamynda 2020-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýurdumyza daşary döwletlerden getirilýän önümlere, jemi içerki önümçilige, hyzmatlara, zähmet hem-de senagat howpsuzlygyna jemi 75 müň laýyklyk sertifikatlary resmileşdirildi. 585 müň 600 ölçeg serişdesi barlagdan geçirilip, 1 müň 415 standartlar we tehniki şertler döwrebaplaşdyryldy.

Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy S.Welbegow öz çykyşynda geçen ýyl statistiki hasabatyň görnüşleriniň 35-sine seljerme geçirilendigini belledi. Statistika hasabatynyň görnüşlerine täzeden garamak hem-de görnüşleriniň sanyny umumylaşdyrmak işleriniň netijesinde, olaryň sany azaldyldy.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň baş direktory G.Nurmuhammedow 2020-nji ýylda fiziki we ýuridik şahslar bilen ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmagyň meýilnamasy 125,4 göterim ýerine ýetirilendigini aýtdy. Şonuň ýaly-da, ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň meýilnamasy 137,3 göterim berjaý edildi.

Ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça bellenilen meýilnama 123,5 göterim ýerine ýetirildi. Gelip gowşan ätiýaçlandyryş gatançlarynyň hasabyna döredilen ätiýaçlandyryş gorlarynyň möçberi 2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 6,1 göterim ýokarlandy.

"Ätiýaçlandyryş hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna goşmaçalar we üýtgetmeler girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi hem-de bu Kanuna laýyklykda, kadalaşdyryjy hukuknamalary täzeden tassyklanyldy.

Merkezi bankyň başlygy M.Annadurdyýew ykdysadyýetiň hojalyk subýektleriniň maliýe serişdelerine isleglerini kanagatlandyrmak üçin gönükdirilen karzlaryň umumy möçberi şu ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, 11,4 göterim artdy diýip, habar berdi. Şu ýylyň başyna ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegine berlen karzlaryň möçberi geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 18,9 göterim köpeldi.

Hususyýetçileri goldamak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde, bu ugra goýberilen ýeňillikli bank karzlarynyň möçberi geçen ýyla görä, 4,3 göterim ýokarlandy. Şunda maliýeleşdirilen taslamalaryň sany 1821-e ýetdi.

Şeýle hem hususy önüm öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, enjamlary satyn almak üçin berlen karz serişdeleriniň möçberi 34,9 göterim artdy.

Döwlet täjirçilik banklarynyň ýolbaşçylary banklara dünýäniň ösen tejribesini ornaşdyrmak, müşderilere edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorlary, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikow Döwlet býujetiniň we maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýum serişdelerini özleşdirmek işleriniň amala aşyrylyşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz maslahaty jemlemek bilen, toplumyň işini gowulandyrmak üçin, Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk ýubileý ýylynda hemmeleriň has tijenip işlemelidigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarowa ýüzlenip, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmak we durnukly ösdürmek, ilatyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmak üçin zerur çäreleri görmeli diýip belledi.

Milli Liderimiz Döwlet býujetiniň oýlanyşykly düzülmeginiň we netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň wajypdygyny belledi.

Halkara tejribesinden ugur alyp, býujet-salgyt ulgamyny döwrebaplaşdyrmaly, "Elektron salgyt" ulgamyny doly işe girizmek boýunça işleri çaltlandyrmaly.

Döwlet Baştutanymyz önümçilik maksatly, hususanda kiçi we orta telekeçiligiň maýa goýumlarynyň möçberlerini we netijeliligini artdyrmak boýunça zerur işleri geçirmegiň zerurdygyny nygtady.

Gymmatly kagyzlaryň bazaryny ösdürmek mümkinçiliklerini nazara alyp,"Aşgabat gazna biržasy" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işini halkara tejribesinden ugur alyp guramak boýunça zerur işleri geçirmeli.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň öňünde durýan wezipeler barada aýdyp, onuň ýolbaşçysy M.Sylabowa ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, täze iş orunlaryny döretmek, zähmete ukyply raýatlary sebitler we pudaklar boýunça işe ýerleşdirmek üçin zerur işleri yzygiderli geçirmegi tabşyrdy.

Zähmet gatnaşyklary, zähmete hak tölemek we zähmeti goramak babatda hereket edýän kadalaşdyryjy namalary döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdimek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Şonuň ýaly-da, döwlet Baştutanymyz pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemekde hem-de hasaplamakda takyklygy üpjün edip, öz wagtynda tölemek boýunça degişli işleri geçirmek barada tabşyryk berdi. Gaznanyň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdelerini we pensiýa toplamalaryny maýa

goýuma gönükdirip, girdejili dolandyrmagy üpjün etmeli.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy S.Welbegowa ýüzlenip, jemi içerki önümi we beýleki makroykdysady görkezijileri hasaplamagyň usulyny kämilleşdirmegi tabşyrdy.

Türkmenistanyň esasy maliýe-ykdysady görkezijileri baradaky maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmeli.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň başlygy M.Hojagulyýewe Gullugyň welaýatlarda we sebitlerde ýerleşýän düzüm birlikleriniň hem-de barlaghanalarynyň barlag-synag enjamlary bilen üpjünçiligini, önümleriň we harytlaryň dürli görnüşlerini sertifikatlaşdyrmak mümkinçiliklerini öwrenmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň baş direktory G.Nurmuhammedowa ýüzlenip, halkara bazarynda, dünýä jemgyýetçiliginde ulanylýan döwrebap ätiýaçlandyryş görnüşlerini we hasaplamagyň kadalaryny yzygiderli öwrenmegi hem-de ýurdumyzda ornaşdyrmak, usulyýeti kämilleşdirmek boýunça zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Merkezi bankyň başlygy M.Annadurdyýewe hem-de täjirçilik banklarynyň ýolbaşçylaryna ýurduň içinde puluň kadaly dolanyşygyny gazanmagyň hem-de bank ulgamynyň esasy wezipesiniň ykdysadyýetde puluň möçberini kadaly saklamak, sazlaşygyny üpjün etmek bolup, şu ýagdaýy hemişe gözegçilikde saklamagyň wajypdygyny belledi. Nagt däl hasaplaşyklaryň möçberiniň 40 göterimden ýokary bolmagyny gazanmaly.

Milli puluň hümmetini ýokarlandyrmak boýunça hemişe degişli işleri geçirip, daşary ýurt puly bilen bagly amallary düzgünleşdirmeli we bu işe berk gözegçilik etmeli. Şu talapdan ugur almaly. Zerur bolanda bu ugurda ýörite kadalaşdyryjy namanyň taslamasyny taýýarlamaly diýip, milli Liderimiz belledi.

Şonuň ýaly-da, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Bütindünýä banky, Aziýa ösüş banky, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky we beýleki halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk strategiýalaryny täzeläp, olardan amatly şertlerde karzlary we maýa goýumlary çekmek boýunça işleri dowam etmegiň maksadalaýykdygy barada aýtdy. Döwlet Baştutanymyz şunda pul geçirimlerinde goraglylygy üpjün etmek maksady bilen, kiberhowpsuzlygyň ýokary derejede bolmagyny gazanmagyň zerurdygyny belledi.

Soňra milli Liderimiz Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň hem-de Türkmen döwlet maliýe institutynyň işine ünsi çekip, rektorlara anyk tabşyryklary berdi.

Institutlaryň professor-mugallymlarynyň, ykdysatçy alymlaryň ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň hünärmenleri bilen bilelikde dünýä ykdysadyýetinde garaşylýan ykdysady çökgünlikleriň tapgyrlaryny yzygiderli seljermegi hem-de ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýetirip biljek oňaýsyz täsiriniň öňüni almak boýunça çäreleri işläp taýýarlamagy hem-de ykdysadyýet, maliýe we bank toplumy üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagy döwrüň talabyna laýyklykda guramagy hökmandyr diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sapaklary okatmak, ylmy-tejribe işlerini geçirmek üçin daşary ýurtlaryň abraýly ugurdaş ýokary okuw mekdepleri, halkara maliýe guramalary, olaryň tejribeli professor-mugallymlary we bilermenleri bilen tejribe alyşmak işlerini ýola goýmagy tabşyrdy. Bu işde sanly ulgamlaryň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmaly. Berilýän bilimiň hilini has-da kämilleşdirmek bilen, bilim görkezijisi boýunça dünýäniň belli bilim edaralarynyň sanawyna girmek babatda zerur işleri geçirmeli.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa ýurdumyzyň durmuş-ykdysady we medeni taýdan ösüşini üpjün etmek, jemi içerki önümiň ösüş depginini kadaly saklamak, döwletiň girdejilerini has-da artdyrmak we ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça degişli işleri durmuşa geçirmek zerurdyr diýip belledi.

Ähli pudaklaryň maliýe-ykdysady ýagdaýyny, pul üpjünçiligini, pudagara algy-bergiler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini yzygiderli seljermeli hem-de bu ýagdaýlary wagtynda çözmek boýunça çäreleri görmeli. Toplumyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini kämilleşdirmeli hem-de bellenen meýilnamalaryň öz wagtynda ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmeli diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Milli Liderimiz sözüni dowam edip, döwlet emlägini hususylaşdyrmak boýunça işleri giň gerimde alyp barmagyň, degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri bilen bilelikde hususylaşdyrmaga degişli desgalaryň sanawyny taýýarlamak boýunça guramaçylyk işlerini güýçlendirmegiň wajypdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyzyň soňra nygtaýşy ýaly, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda geçen ýylda alnyp barlan işler jikme-jik we düýpli seljerildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde Maliýe we ykdysadyýet ministrligine tabşyryklaryň berlendigine garamazdan, ministrlikleriň hem-de pudak edaralarynyň maliýe ýagdaýlary düýpli öwrenilmeýär hem-de degişli teklipler berilmeýär diýip belledi. Netijede bolsa, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň esasy wezipesiniň Döwlet býujetiniň netijeli hem-de öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek bolup durýandygyna garamazdan, geçen ýylyň ahyrynda Döwlet býujetiniň öňündäki bergiler ýylyň başyndaky bilen deňeşdirilende ep-esli köpeldi.

Hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmeýändigi, doly gözegçilik edilmeýändigi, Ministrliginň hereketsizligi sebäpli, Oba milli maksatnamasynyň, şeýle hem beýleki maksatnamalaryň çäklerinde ýerine ýetirilen işler üçin potratçylaryň öňünde köp möçberde bergiler emele geldi. Bu bolsa, 2015-nji ýyldan başlap, ençeme gurluşyklaryň taşlanmagyna getirdi. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde pudagara algy-bergileriň umumy möçberi 12 milliard manada golaýlaýar.

Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak boýunça işleri guramak hem talabalaýyk alnyp barylmaýar.

Mundan başga-da, hususylaşdyrylan kärhanalarda we desgalarda hususylaşdyrmagyň şertleriniň ýerine ýetirilişine doly derejede gözegçilik üpjün edilmeýär.

Ministrligiň ykdysadyýetiň hususy pudagyny ösdürmek boýunça döwlet syýasatyny amala aşyrmalydygyna garamazdan, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan telekeçileriň sany, olaryň iş ugry we görnüşleri seljerilmeýär, bu ugurda ýüze çykýan meselelere hem ýeterlik üns berilmeýär diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady. Şunuň bilen baglylykda, telekeçiligi ösdürmek boýunça esasy işi Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi alyp barýar. Ministrlik bolsa, bu ugurda ýeterlik işjeňlik görkezmeýär.

Has beteri-de, şeýle ýaramaz görkezijileriň bardygyna garamazdan, maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarowdan emele gelen ýagdaýy düzetmek boýunça hiç hili teklipler hem gelip gowuşmaýar. Şoňa görä-de, işde goýberen kemçilikleri üçin oňa berk käýinç yglan edildi hem-de bu kemçilikleri gysga wagtyň içinde düzetmek soňky gezek duýduryldy. Eger bu kemçilikler düzedilmese, onda ýarym ýylyň jemleri boýunça M.Serdarow eýeleýän wezipesinden boşadylar diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Merkezi bankyň başlygy M.Annadurdyýewe ýüzlenip, banklaryň işine hem Hökümetde köp sanly nägilelikler bar diýip belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi bankyň başlygy M.Annadurdyýewe banklara ýaramaz ýolbaşçylyk edip, işde goýberen kemçilikleri üçin, "Türkmenistan" we "Türkmenbaşy" döwlet täjirçilik banklarynyň başlyklary M.Hajyýewe hem-de J.Jumagylyjowa berk käýinç yglan etdi hem-de ýol berlen kemçilikleri gysga wagtyň içinde düzetmegi soňky gezek duýdurdy.

Şeýle hem, işde goýberen kemçilikleri üçin Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň başlygy R.Jepbarowa, Döwlet ösüş bankynyň başlygy S.Baýramowa, "Daýhanbank" döwlet täjirçilik bankynyň başlygy S.Aganiýazowa, "Halkbank we "Senagat" paýdarlar täjirçilik banklarynyň müdiriýetleriniň başlyklary M.Arabowa hem-de T.Täçmuhammedowa berk käýinç yglan edildi.

Şonuň ýaly-da, hormatly Prezidentimiz "Rysgal" paýdarlar täjirçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy S.Gurbandurdyýewe, şeýle hem Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa käýinç yglan etdi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisi

11-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisini geçirdi. Oňa ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň häkimleri hem çagyryldy.

Hormatly Prezidentimiz döwlet dolandyryş ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, Hökümetiň işini has-da gowulandyrmak maksady bilen, Ministrler Kabinetiniň düzümine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ýene-de bir orunbasarynyň wezipesini girizmek, ony Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalygyna hem-de Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy wezipesine bellemek barada karara gelendigini aýtdy.

Täze wise-premýeriň wezipesi döwlet we jemgyýetçilik gurluşynda, bilim hem-de saglygy goraýyş, maliýe-ykdysady ulgamlarda sanly ulgamy we innowasion tehnologiýalary doly derejede ösdürmekden hem-de bu işlere gözegçiligi üpjün etmekden ybaratdyr.

Döwlet Baştutanymyz bu ulgamlary ykdysadyýetiň önümçilik we dolandyryş ulgamlaryna hem-de jemgyýetçilik durmuşyna ornaşdyrmagyň wajypdygy barada aýdyp, gurluşyk pudagyny mysal getirdi. Bu pudakda köp sanly meseleler we kemçilikler bar. Ýöne, bu kemçilikleri düzetmek boýunça hiç hili özgertmeler geçirilmeýär.

Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow häzirki döwürde Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň binýadynda gurluşyklar boýunça ýeke-täk buýrujynyň gullugyny döretmek bilen, döwlet býujetiniň düýpli maýa goýumlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer. Bu edara döwlet buýrujysynyň we desgalary gurujynyň wezipesini ýerine ýetirer. Şeýle hem gönüden-göni ýa-da beýleki taraplary çekmek bilen, tehniki buýrujynyň we gurluşyga gözegçiniň işini berjaý eder.

Hökümetiň kömek bermegini we gözegçilik etmegini talap edýän ýene-de çözülmeli köp meseleler bar. Şonuň üçin hem milli Liderimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ýene-de bir orunbasarynyň wezipesiniň girizilmeginiň döwletimiziň öňünde häzirki döwürde şol ägirt uly wezipeleri çözmäge kömek etjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzasy wezipelerine Serdar Berdimuhamedowy belläp, ony senagat we gurluşyk önümçiligi ministri wezipesinden boşatdy.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi dowam edip, wise-premýer Ş.Abdrahmanowa birnäçe tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz nebitgaz toplumynyň işini gowulandyrmak üçin, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýalaryň iň soňky gazananlary esasynda öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmagyň, özara bähbitli şertlerde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň zerurdygyny aýtdy.

«Türkmennebit» döwlet konserni nebit ýataklaryny gözlemek, işläp geçmek babatda halkara kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini işläp taýýarlamalydyr, täze açylan ýataklary özleşdirmäge we köne ýataklardan kynlyk bilen çykarylýan nebitiň galyndy gorlaryny çykarmaga daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmelidir.

Döwlet Baştutanymyz «Türkmengaz» döwlet konserniniň tebigy gazy we gazhimiýa önümlerini ýerlemegiň bazarlarynyň gerimini giňeltmelidigini, täze halkara bazarlaryna çykmagyň logistiki mümkinçiliklerini öwrenmelidigini nygtady.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygynyň depginini güýçlendirip, onuň gurluşygynyň bellenen möhletlerde tamamlanmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Täze gazhimiýa toplumlarynyň durnukly ulanylmagyny we taslama kuwwatyna çykarylmagyny üpjün etmek, ýakyn geljekde gurmak göz öňünde tutulan tebigy gazy gaýtadan işleýän täze zawodlaryň taslamasyny düzmek we olary gurmak boýunça işleri çaltlandyrmak zerurdyr.

Wise-premýere ýokary tehnologiýaly önümçiliklerde we gaznebithimiýa toplumlarynda işlemek üçin ýokary hünär derejeli işgärleri we ýaş hünärmenleri taýýarlamagy üpjün etmek hem tabşyryldy.

Milli Liderimiz «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň nebitiň gorlaryny artdyrmak we täze nebitgaz ýataklaryny açmak babatda gözleg-barlag işlerine niýetlenen geologiýa-gözleg işleriniň depginini güýçlendirmegiň zerurdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy barada aýdyp, hojalygy dolandyrmagyň we nebit önümlerini öndürmegiň täze usullaryny toplumlaýyn öwrenmegiň wajypdygyny belledi.

Nebithimiýa önümleriniň täze görnüşlerini öndürmegi ýola goýup, bu önümleri halkara bazarlaryna çykarmagyň ýollaryny we ugurlaryny giňeltmek zerurdyr. Şeýle hem önümçilige sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagy üpjün etmek, öndürilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmak, şonuň netijesinde bolsa, şol önümleriň goşulan ýokary bahasyny artdyrmak möhümdir.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ylmy - barlag institutlarynyň gazananlaryny hem-de işläp taýýarlamalaryny önümçilige ornaşdyrmagy çaltlandyrmagy tabşyryp, şol edaralaryň bu ugurda öňdebaryjy tejribäni we dünýä ylmynyň iň soňky gazananlaryny özleşdirmelidigini nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz pensiýa gitmegi sebäpli, B.Amansaryýewi Döwlet habarlar agentliginiň başlygy wezipesinden boşatmak kararyna gelendigini aýtdy.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow TDH-nyň ýolbaşçysyna döwletimiziň öňünde uly hyzmatlary bitirendigi üçin minnetdarlyk bildirip, B.Amansaryýewi «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» diýen orden bilen sylaglamak barada karara gelendigini aýtdy hem-de oňa berk jan saglyk we abadançylyk arzuw etdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi

12-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda Hökümetiň 2020-nji ýylda hem-de şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Wise-premýerleriň, birnäçe ministrleriň, welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi hem-de şu ýyl üçin ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikow geçen ýylyň makroykdysady görkezijileri, döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hem-de maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlarynyň özleşdirilişi, döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryna laýyklykda, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Wise-premýer 2021-nji ýylyň ýanwar aýynyň netijeleri barada hasabat berip, jemi içerki önümiň 5,9 göterim artandygyny belledi. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 4,1 göterim artdy.

2020-nji ýylyň degişli döwrüne garanyňda, bölek satuw haryt dolanyşygy 17,8 göterim artdy.

Geçen aýda Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasy 178,9 göterim we çykdajy böleginiň meýilnamasy 83,1 göterim ýerine ýetirildi.

Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky 10,4 göterim ýokarlandy.

Şu ýylyň ýanwar aýynda rejelenen görnüşdäki Oba milli maksatnamanyň çäklerinde, ýurdumyz boýunça durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň 105-siniň, 222,9 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlarynyň hem-de inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň gurluşyk işleri alnyp baryldy.

Milli Liderimiziň garamagyna "Türkmenistanda 2021–2025-nji ýyllarda döwletiň gatnaşmagyndaky kärhanalary dolandyrmak we özgertmek boýunça Strategiýany tassyklamak hakyndaky" kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, hödürlenen Karary makullady we oňa gol çekip, wise-premýere şu strategiýada göz öňünde tutulan çäreleriň hem-de işleriň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarow 2020-nji ýylda hem-de şu ýylyň ýanwar aýynda Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Geçen ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynyň netijeleri boýunça döwlet býujetiniň girdejileri boýunça meýilnama 101 göterim, çykdajylary boýunça –99,9 göterim ýerine ýetirildi. Rejelenen görnüşdäki Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde, maýa goýumlaryny özleşdirmegiň meýilnamasy 121,4 göterim ýerine ýetirildi.

2021-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna, döwlet býujetiniň girdejileri 1,8 esse, çykdajylar bolsa 83,1 göterim ýerine ýetirildi. Şu ýylyň ýanwarynda balans toparlarynyň 7 mejlisi, şol sanda sebitlerdäki balans toparlarynyň 6 mejlisi geçirildi, hasabat döwründe döwlet emläginiň 13 desgasy hususylaşdyryldy.

2021-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna, Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde birnäçe desgalaryň, inženerçilik ulgamlarynyň hem-de 44,7 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy tamamlandy.

Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy S.Welbegow 2020-nji ýylda we şu ýylyň ýanwar aýynda ministrliklerde hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda bellenilen tabşyryklaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Geçen ýylda senagat pudaklarynda, 2019-njy ýyldaky bilen deňeşdirilende ösüş gazanyldy, suwuklandyrylan gaz öndürmek boýunça 16,7 göterim, çalgy ýaglary boýunça 11,7 göterim, polietilen boýunça 83,5 göterim, demir önümleri boýunça 1,6 göterim, plastmassadan edilen we aýna süýümli turbalar boýunça 45,8 göterim ösüş gazanyldy.

2021-nji ýylyň ýanwar aýynda gazanylan netijeler geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nebit

koksynyň öndürilişi boýunça 58,7 göterim, sement boýunça 28,6 göterim, plastmassadan edilen we aýna süýümli turbalar boýunça 6,8 göterim, şöhlat önümleri boýunça 2,2 göterim ösüş gazanylandy.

Hasabat döwründe aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberi 6,8 göterim artdy.

Oba hojalyk toplumynda şu ýylyň ýanwarynda öndürilen gök önümleriň mukdary, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 31,9 göterim, etiň öndürilişi 2,6 göterim, süýdüň öndürilişi 3,7 göterim we ýumurtganyň öndürilişi 2 göterim köpeldi.

Merkezi bankyň başlygy M.Annadurdyýew ýolbaşçylyk edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

2021-nji ýylyň 1-nji fewraly ýagdaýyna karzlaryň umumy möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 11 göterim artdy.

Ykdysadyýetimiziň döwlete degişli bolmadyk bölegine berlen karzlaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 14,6 göterim ýokarlandy. Ýeňillikli bank karzlarynyň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 3,1 göterim köpeldi. Şunda 1824 taslama maliýeleşdirildi. Oba hojalygynda zähmet çekýän önüm öndürijilere berlen karz serişdeleriniň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 33,5 göterim artdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow 2020-nji ýylda we şu ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Geçen ýylda nebitiň gaz kondensaty bilen çykarylyşynyň meýilnamasy 100 göterim, tebigy we ugurdaş gazyň çykarylyşynyň meýilnamasy –101 göterim, nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy bolsa 101,7 göterim ýerine ýetirildi. Benzin öndürmekde 104,5 göterim, dizel ýangyjyny öndürmekde 104,4 göterim, polipropileniň öndürilişinde 102,2 göterim, suwuklandyrylan gazy öndürmekde bolsa 116,7 göterim ösüş gazanyldy.

Şu ýylyň ýanwar aýynda nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 100,8 göterim, benziniň öndürilişiniň meýilnamasy 100,4 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 103,4 göterim, polipropilen öndürmegiň meýilnamasy 102,5 göterim, tebigy we ugurdaş gazyň çykarylyşynyň meýilnamasy 115,9 göterim, "mawy ýangyjyň" eksportynyň meýilnamasy 110,6 göterim, maýa goýumlarynyň özleşdirilişiniň meýilnamasy 131,4 göterim ýerine ýetirildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, pudagy mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak boýunça tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýygnananlara ýüzlenip, merdana ata-babalarymyzyň eziz Watanymyzyň atabraýyny belende galdyrmak üçin ähli tagallalary edip, döredip, gurup, taryhda öçmejek yz goýup, ýaşap geçendiklerini belledi. Biz olaryň ýagty ýadygärligini ebedileşdirmek ugrunda zerur işleri alyp barýarys.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Mejlisine Halkara nebit we gaz uniwersitetine Ýagşygeldi Kakaýewiň adyny dakmak baradaky meselä seretmegi tabşyrdy.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Ý.Kakaýew ýurdumyzyň görnükli döwlet we jemgyýetçilik işgäridi. Örän uly tejribesi bolan halypady. Ol nebitgaz pudagynyň häzirki zaman ulgamynyň emele gelmegine, şol sanda Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň döredilmegine we ösdürilmegine uly goşant goşdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Öwezow ulag hem-de aragatnaşyk toplumynyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda 2020-nji ýylda hem-de şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Ulag-aragatnaşyk toplumynyň düzümlerinde 2020-nji ýylda önümçilik meýilnamasy 123 göterim berjaý edildi.

Toplumyň 2021-nji ýylyň birinji aýynda önümçilik meýilnamasy 106,6 göterim ýerine ýetirildi. "Türkmendemirýollary" agentligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüşi 114,7 göterime barabar boldy. "Türkmenawtoulaglary" agentliginde bu görkeziji 100,4 göterime, "Türkmendeňizderýaýollary" agentligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň ösüşi 102,2 göterime deň boldy. Hasabat döwründe "Türkmenhowaýollary" agentliginde hem degişli işler alnyp baryldy.

Awtomobil, demir ýol, howa we deňiz ulaglary arkaly ýük daşamagyň meýilnamasy 104,6 göterim, ýük dolanyşygynyň meýilnamasy bolsa 106,2 göterim berjaý edildi. "Türkmenaragatnaşyk" agentligi boýunça işleriň ösüşi 106,8 göterime barabar boldy.

Wise-premýer hasabatyň dowamynda "Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda" göz öňünde tutulan wezipeleri amala aşyrmak maksady bilen, "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň hünärmenleri tarapyndan "Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky" Kararyň taslamasynyň taýýarlanandygyny habar berdi we ony döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, hödürlenilen resminama gol çekdi hem-de degişli düzümiň ösdürilmelidigini belläp, sanlylaşdyrmak boýunça taslamalaryň durmuşa geçirilişini işjeňleşdirmek babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Durdylyýew gözegçilik edýän ulgamlarynda 2020-nji ýylda we 2021-nji ýylyň ýanwarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri hem-de ýurdumyzda desgalary işe girizmegiň maýa goýum maksatnamasy, şeýle hem "Himiki önümleri getirmek, öndürmek we ýerlemek babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak baradaky" kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

2020-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda gurluşyk-senagat ulgamynda önüm öndürmegiň hem-de hyzmatlaryň meýilnamasy 118,4 göterim ýerine ýetirildi. Ösüş 122,5 göterime barabar boldy.

Şu ýylyň birinji aýynda gurluşyk-senagat ulgamynda önüm öndürmegiň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 131,6 göterim ýerine ýetirildi. Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 106,2 göterim ýerine ýetirilip, ösüş 102,4 göterime barabar boldy.

Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen

işleriň meýilnamasy 120,4 göterim ýerine ýetirilip, 120,6 göterim ösüş gazanyldy. Energetika ministrligi boýunça elektrik energiýasyny öndürmegiň meýilnamasy 108,2 göterim ýerine ýetirilip, 106 göterim ösüş gazanyldy. Elektrik energiýasynyň eksporty boýunça meýilnama 127,7 göterim ýerine ýetirildi, ösüş 112,9 göterime barabar boldy.

Hasabat döwründe "Türkmenhimiýa" döwlet konserni tarapyndan önüm öndürmegiň we hyzmatlaryň meýilnamasy 177,2 göterim ýerine ýetirilip, 148,6 göterim ösüş gazanyldy.

Aşgabat şäher häkimligi boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň meýilnamasy 114,4 göterim berjaý edildi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýere senagat we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny, aýratyn-da, ak mermerli paýtagtymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli ulanmaga beriljek desgalaryň gurluşygyny berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2021-nji ýyl üçin maýa goýum maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky Karara gol çekip, onda bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow milli Liderimiziň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi hem-de gözegçilik edýän söwda we dokma pudaklarynda hem-de telekeçilik ulgamynda 2020-nji ýylda we şu ýylyň birinji aýynda amala aşyrylan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň mukdary şu ýylyň ýanwar aýynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 110,2 göterime barabar boldy. Öndürilen önümleriň ösüşi 111,5 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nah ýüplügiň önümçiligi 117,1 göterime, nah matalaryň önümçiligi 101,8 göterime, tikin we örme önümlerini öndürmek 123,2 göterime, gön önümlerini öndürmek 105 göterime barabar boldy. "Türkmenhaly" döwlet birleşigi boýunça önüm öndürmegiň meýilnamasy 106 göterim ýerine ýetirildi.

Döwlet haryt-çig mal biržasy boýunça ýanwar aýynda birža söwdalarynyň 24-si geçirilip, 2 müň 434 şertnama hasaba alyndy. Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüşi 116,8 göterime deň boldy.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümleriniň hem-de senagat önümleriniň öndürilişiniň ösüşi degişlilikde, 155,6 göterime we 101,3 göterime barabar boldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazow gözegçilik edýän düzümlerinde 2020-nji ýylda we 2021-nji ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şeýle hem birnäçe resminamalaryň taslamalarynyň taýýarlanylyşy barada hasabat berdi.

Geçen ýylda Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezi döredildi, "Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we olaryň mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020-2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň maksatnamasy"we Türkmenistanda "Tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy" taýýarlanyldy.

Ylymlar akademiýasy tarapyndan ylmyň we tehnologiýanyň ileri tutulýan ugurlary boýunça alnyp barylýan işleriň 346-synyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edildi. 3 doktorlyk we 14 kandidatlyk dissertasiýalary goralyp, degişli alymlyk derejeleri berildi.

Türkmen türgenleri halkara sport ýaryşlarynyň 11-sine gatnaşyp, 12 altyn, 9 kümüş we 18 bürünç medallara mynasyp boldular.

Şu ýylyň birinji aýynda teleköpri arkaly saglygy goraýyş boýunça IX Türkmen-german forumy geçirildi. Russiýa Federasiýasynda öndürilen "Sputnik-V" hem-de "EpiWakKorona" waksinalary resmi bellige alyndy.

Milli Liderimiziň degişli Kararlary bilen "Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda döwlet ýaşlar syýasaty ulgamynda Döwlet maksatnamasy" hem-de "Türkmenistanda 2021-2025-njy ýyllarda bedenterbiýe we sporty goldamagyň we ösdürmegiň Maksatnamasy" tassyklanyldy. Türkmenistanyň Kubogy ugrunda küşt boýunça onlaýn ýaryşy geçirildi.

Şu ýylyň başyndan bäri teleköpri arkaly halkara guramalary we daşary ýurtlaryň ugurdaş ministrlikleri bilen duşuşyklar geçirildi. "Türkmenistan—parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany" ýyly mynasybetli ylmy-amaly maslahatlar, wagyz-nesihat çäreler guraldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakyndaky" Karara, 2021-nji ýylda aspirantura kabul ediljek aspirantlaryň we alymlyk derejelerine dalaşgärlige hasaba alynjak dalaşgärleriň hem-de kliniki ordinatura kabul ediljek ordinatorlaryň sanyny tassyklamak hakyndaky Buýruga gol çekip, olary degişli derejede ýerine ýetirmek boýunça wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň Prezidentiniň "Saglyk" döwlet maksatnamasyny rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky Kararyň taslamasy barada aýdyp, ýurdumyzyň welaýatlarynda täze ylmy-kliniki merkezli hassahanalaryň gurluşygyny nazarda tutup, onuň üstünde işlemegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamlarynda 2020-nji ýylda we 2021-nji ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Geçen ýyl iri medeni çäreler, sergiler, duşuşyklar, döredijilik bäsleşikleri, aýdym-sazly dabaralar, medeni-durmuş maksatly desgalary ulanmaga bermek bilen bagly dabaralar guraldy. Wideoaragatnaşyk ulgam boýunça dürli duşuşyklar geçirildi, halkara hyzmatdaşlygy boýunça birnäçe resminamalara gol çekildi.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli dabaralary we çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk komiteti döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy. Garaşsyzlygyň şanly senesi hem-de türkmen paýtagtynyň 140 ýyllygy mynasybetli dürli döredijilik bäsleşikleri yglan edildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň daşary syýasy ugruny yzygiderli

HAŸYAT
HAŸYAT
HAŸYAT

HAŸYAT
"Ýanbaş" çeşmesiniň
arassalanan gazsyz agyz suwy
75 49 49
75 43 43
10 10 52 10 10 65 72 18 18 62 62 86
10 10 53 10 10 83 16 18 18 62 89 02
10 10 64 10 10 84 16 18 17 68 75 04
hayyat_water
+993 65 72 18 18
19 ltr 'Hayyat' arassalanan agyz suwyny sargyt etmek!

TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

BAŞ SAHYPA BIZ BARADA ÖNÜMLERIMIZ HABARLAŞMAK ÜÇIN TÄZELIKLER DIL SAÝLAMAK:

Arzan bahalardan döwrebap jins lybaslaryny alyň!